# «Akylly» şäheriň halkara baýraklarynyň sany artýar

Halkymyzyň baky bagtyýarlygynyň, eşretli durmuşynyň aýdyň nyşanyna öwrülen Arkadag şäheriniň ýakynda Koreýa Respublikasynda geçirilen «World Smart City Expo 2024» halkara sergisinde «Iň tapawutlanan «akylly» şäher» atly baş baýraga; «Daşary ýurt «akylly» şäheri»; «World Smart City Expo 2024» halkara sergisine goşan uly goşandy üçin» atly halkara baýraklara mynasyp bolandygy baradaky hoş habar Gahryman Arkadagymyzyň yhlasyndan, hormatly Prezidentimiziň tagallalaryndan kemala gelen täze şäheriň halkara derejedäki ykrarnamasy bolup kalplara doldy.

«World Smart City Expo» sergisine Koreýa Respublikasynyň welaýatlarynyň, ýerli we daşary ýurt kompaniýalarynyň, birnäçe döwletiň, şol sanda Türkmenistanyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Ýaponiýanyň, Malaýziýanyň, Tailand Patyşalygynyň, Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň, Daniýa Patyşalygynyň, Finlýandiýanyň we Ysraýyl Döwletiniň wekilleri gatnaşdylar. Jemi 116 pawilýony özünde jemlän gözden geçirilişe ministrler, ministrleriň orunbasarlary, welaýat häkimleri derejesinde 60-dan gowrak ýurduň wekilleri synçy hökmünde gatnaşdylar.

Abraýly sergide Arkadag şäheriniň mümkinçilikleri we aýratynlyklary hem tanyşdyryldy. Degişli baýraklar sergä gatnaşyjylaryň arasynda aýry-aýry ugurlar boýunça has tapawutlanan daşary ýurt we milli şäherlere hem-de kompaniýalara berildi. Arkadag şäheri «Iň tapawutlanan «akylly» şäher», «Daşary ýurt «akylly» şäheri», «World Smart City Expo 2024» halkara sergisine goşan uly goşandy üçin» atly üç sany baýraga mynasyp boldy. Şunda «Iň tapawutlanan «akylly» şäher» diýen baýrak bilen diňe Arkadag şäheriniň sylaglanandygy aýratyn buýsançlydyr.

Baýrak gowşurylyş dabarasynda türkmen wekiliýetiniň ýolbaşçysy, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow çykyş etdi. Ol koreý tarapynyň bu çäräni ýokary derejede gurandygyny, onda häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän «akylly» şäherleriň tehnologiýalarynyň we ulgamlarynyň görkezilendigini belledi. Türkmen wekiliýetiniň ýolbaşçysy Arkadag şäheriniň gazananlarynyň ykrar edilendigi, oňa mynasyp baha berlendigi hem-de sylaglaryň gowşurylandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, munuň Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda şähergurluşyk ulgamynda belent sepgitlere ýetilendiginiň ykrarnamasy bolup durýandygyny nygtady.

Ähli babatda nusgalyk Arkadag şäheri türkmen halkynyň buýsanjydyr. Köpetdagyň etegindäki ajaýyp künjekde ýerleşen «akylly» şäher gurluşygynyň milli nusgasy bolup, dünýä binagärliginiň öňdebaryjy gazananlaryny we tehniki üstünlikleri özünde jemleýär. Munuň şeýledigine Arkadag şäheriniň Koreýa Respublikasynda geçirilen «World Smart City Expo»

Все права защищены

atly halkara sergide baýraklaryň üçüsine mynasyp bolmagy hem şaýatlyk edýär. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şähergurluşyk ulgamynda innowasion esaslara daýanýan pikirleriniň we çözgütleriniň, olaryň amala aşyrylmagynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary baha mynasyp bolýandygyny nobatdaky gezek tassyklady.

**Toýjan KOÇUMOW,**
**Türkmen döwlet binägärlik-gurluşyk institutynyň talyby**

Все права защищены